# Töre Annaberdiýew: göwünleri ýylgyrşa beslän ussat

Category: Degişmeler,Kitapcy,Söhbetdeşlik,Ýatlamalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Töre Annaberdiýew: göwünleri ýylgyrşa beslän ussat TÖRE ANNABERDIÝEW: GÖWÜNLERI ÝYLGYRŞA BESLÄN USSAT




Iki-üç ýyl dagy geçendir. Türkmen döwlet medeniýet institutyna baranymda talyplaryň taýýarlan sahna oýunlaryna tomaşa etdim. Şonda aýratyn zehinli talyplarda ünsüm eglendi. Gyzyklanyp sorasam olaryň biri wäşi artist Töre Annaberdiýewiň ogly Nazar eken. Bir mahal kakasy bilen söhbetdeşlik taýýarlamaga öýlerine baranymda oglanjykdy.Tüweleme, uly ýigit bolupdyr. Töre neressäniň: — «Däli Domrul» oýnumyz bilen Türkiýä gastrola gidipdik. Yzymda körpe oglum doglupdyr. Şonda aýalym iki-üç günläp kösenip, öýdäkileriň ählisini gorkuzypdyr. Onsoň kakam pahyr: «Bolsa-da, Alla nazaryny aýlady. Gelnim aman-sag öýümize gowuşdy» diýip, oglumyň adyna Nazar dakypdyr. Emma yzymdan: «Ogluň boldy, buşluk!» diýen habar barandan, kärdeşlerim: «Domrul gelipdir-de, Domrul gelipdir» bolşup, Domrul adyny tutan köp boldy. Ýöne biraz ulalyşyp ýörjen-

ýörjen bolup ugrady welin, Domrul diýmäge derek, Dompudyk-da, Dompudyk bolup başladylar. Töwerekdäkiler diýse, öýmüzdäkilerem guwanyp Dompudyk diýdiler. Bir gün kakam pahyr eşidäýipdir. «Oglum, ne gözel çaga, bu ne-hä Nazar boldy, ne-de bir Domrul. Dompudykdanam bir at bormy? Ulalansoňam, şol ady galar» diýdi. Dogrudanam, adam adyny dogry tutmaga endik etmeli» diýip, gülüp aýdan gürrüňi ýadyma düşüp öz-özüm ýylgyranymy-da duýmandyryn. Sebäbi Töre aga ýadyňa düşende ýylgyrmazlyk mümkin däl.
2006-njy ýylyň noýabr aýydy.Töre Annaberdiýewiň ýogalanyny eşidip, «Ertir ýedisi» diýlen gün aýatyna görünmäge gitdim. Öýüň içi adamdan doludy. Gapydan girenimden, soraman tanaýmaly meňzeşligi bilen törde oturan enä gözüm kaklyşdy. Içimden: «Ejesidir» diýip çen etdim. Çaklaýşym ýaly. Ol: «Gara ogul, iner ogul elli ýaşa-da ýetmän gitdiň. Ejeň ölünçä aglar, jan ogul. Il-güne gerekli ogul…» diýip, pessaý ses bilen zarynlap aglady welin, ýüregim gyýylyp gitdi. Hamana, balasy o dünýede-de rahat ýatsyn diýip, hüwdüleýäne meňzeýärdi.
– Töre bäş oglumyň dördünjisi. Dört gyzym bar. Çagalarymyň ählisiniň wäşiligi kakalaryna çekipdir. Ýöne Töre has degişgendi. Ol çaga wagtam kakasynyň ýirik-ýyrtyk telpek-donuny geýip, iki sözüniň biri «Men artist boljak» diýer ýörerdi. Ýa-da çüýşäniň gapaklaryny eşiklerine düzüp ýelmeşdirer-de «şaýly gelin bolýan» diýip, daşyny çagadan doldurardy. Ýogaljagyny bilen ýaly: «Eje, men saňa kän bir gazanjymdan eltip bilmedim, ýöne razy bolgun!» diýdi. Wiý, razydyryn. Öz maşgalaňy ekläniň bolýar, balam! diýdim – diýip ýatlady. Şonda Töre neressäniň jigisi Täçnabat:
– Ýogalmazynyň öňki güni öýüme bardy. «Täçnabat, jigim, näme üçin ýüzüň salyk» diýdi. «Aý, ýegeniň käýindirdi» diýsem. Oglumy çagyryp: «Ýegen, meniň ejemi nähili gowy görşümi bilýänsiň. Hiç wagt ene-atańy käýitmegin
«Ene-atany agyrdanyň günleri,
Ile ryswa, ala bolar tenleri»
– diýip, goşgy aýdyp berdi. Soňundanam: «Aýal dogan, sen çagaňy öte gowy görýäň. Şonam ogluň duýýar. Läliksiretme» diýip tabşyrdy. Öýden gaýdanda-da: «Birden indi görüşmesek razy bolgun!» diýip hoşlaşdy. Ertesi gije-de şu habar bardy – diýip hamsykdy. Olaryň ünsüni bölmek üçin,Töre aga maňa nirede duşsa adymy Akgül diýibem tutman, «Täzegül jan, jigim, öý-içeriler saglykmy? Men palaw bişirmäge ökde. Nesip bolsa,

öýüme palawa çagyryp, kän degişme gürrüňler aýdyp berjek» diýerdi. Neresse diýseň wäşidi – diýenimden uýasy Täzegül:
– Biz basdaşdyk, özem garagolduk. Töre 5-nji synpda okaýardy, menem 3-nji synp, Täçnabadam 1-nji synpdy. Bir gezek ejem-kakam: «Täzegül, sen-ä öýleri syryp-süpürersiň, Täçnabadam kir ýuwsun, Töre-de mallara ot ýygyp, suw getirsin» diýip, iş bölüp tabşyrdylar-da, toýa gitdiler. Biz etmeli işlerimizi etdik. Töre welin, bir dessejik ot ýygypdyr-da, suwa bizi ugratdy. Oba ýeri, ep-esli ýerden eşekli daşamaly. Çaga-da bilemizok. Eşegiň üstündäki çelegiň bir tarapyny suwdan doldurdyk welin, beýleki tarapyndaky boş çelek ýeňil gelip, şakyrdap agdy. Mazaly, golaýda 10-15 sany esger işläp ýördi. Gelip kömekleşdiler. Kösenip öýe geldik. Ýolda gelýäs, Täçnabada «Häzir öýe barsak, Töre bizi ýene-de suw getirmäge iberer. Ikimiz birigip, Törä haýbat ataly, ýogsa ol bize ýekelikde eýgertmez» diýip, jigim bilen maslahat etdik. Töre şo wagtam daýawjady. Öýe geldik. Süzme haltanyň agzyny açyp, çemçe bilen süzme ýalap otyrdyk. Äpişgämizem açyk dur. Töre gelip, ýene bizi suw getirmäge iberjek boldy. Bizem iki bolup, ýüzüne süzme çalyp, äpişgeden daşyna agdardyk. Soňam, gaçyp, ejem bilen kakamyň yzyndan barypdyk. Wah, neressäm, bir günem bir ýerden içiniň aýnasy ýok çüýrän termosyň daşyny getiripdir-de, şoň çüýrük ýerini şygyr-şygyr edip saz çalan bolýar. Täçnabat ikimize-de «Şu saza goşup, tans et» diýýär. Bizem elimizi galgadyp, hereket edýäris, ýöne owadan saz bolmansoň, tans edip bilemzok. Ahyry: «Töre, özüň aýdym aýt, onsoň biz seň aýdymyňa tans edäýeli» diýdik. Şonda şeýle bir aýdym aýtdy. Çaga-da bolsak, hezil edip tans oýnadyk. Töre çaga wagtam aýdym-saza gadyr goýýardy.
Özem kiçikä-de, uluka-da Täçnabada köp degerdi. Bir gün myhmançylyga bardyk. Täçnabadam öňümizde çaý-çörek goýdy. Saçakda erigiň mürepbesi dur welin, şonuň gowy gaýnadylmandygyny aňypdyr. Çemçeli datdy-da, maňa gözüni ümledi. Menem Töre goýandan çemçäni alyp, dadyp gördüm, birhili, erigi gaýnatman, banka basyp, üstüne şeker guýlan ýaly-da. Onsoň ýylgyryp, ýüzüne seredenimizden, Täçnabat: «Näme diýjek bolýaňyz?» diýdi. Töre-de: «Aý, şu mürepbäniň reseptini beräý diýjek bolýas, dogan» diýdi. Gülüp, hezil etdik.
Töre mekdebi tamamlapdy. Bir gün Täçnabat ikimiz tikin tikip otyrys welin: «Şu gün meniň ugrum ýok, birden uklaýsam, habar

tutaweriň» diýdi. Bizem birhili biynjalyk bolduk. Garşy: «Nähili ýagdaýyň gowumy?» diýýäs. Olam: «Hawa, indi birneme gowulaşdym» diýdi-de, eline ýassyk alyp, içki otaga geçdi. Otyryn welin, ýene-de ynjalamok. «A gyz, Täçnabat, tikin tiken bolup otyrys-la, gyz. Töreden habaram tutamzok. Birden bir zat bolan bolaýmasyn» diýip ýerimden turdum. Eýýäm sesimi eşidipdir. Barsam dilini tutuşlygyna daşyna çykaryp, gözüniňem garasyny giderip ýatyr. «Waý, Töre» diýip gygyrdym. «Näme?» diýip, ýerinden laňňa galdy. Asyl ol: «Artist bolsam, keşbi ynandyryjy oýnap bilermikäm?!» diýip, bizi synap görýän eken. Meniň bolsa, tas zähräm ýarylypdy. Şu wagt aýatynda otyryn, şo pursat ýadyma düşüp, birhili hiç ýogalanyna ynanamok» diýip aglady. Şeýdip ony hem gülüp, hem aglap ýatladylar.
Hawa, Töre aga ir ýogaldy. Onuň 50 ýaşynyň dolmagy mynasybetli agasy Öwezdurdy Angaýew bilen gürrüňdeş bolup ýatlama ýazypdym. Ol:
– Men Töräniň iň uly agasy. Kakamyň ogulsyz-gyzsyz urşuň yzyny saklap oturan doganyna ogullyk berildim. Adamsy Aňňanyň yzy ýitmesin diýip, familiýamy üýtgedenlerinde, ors elipbiýinde «ň» harpy ýok, onsoň Annagül ejem görgüli: «Iki sany «n» harp ýazylsada, Aňňa manysy ýiter, birini «n», birini «g» harp ediň!» diýip, Angaýew ýazdyrdy. Pahyr 2000-nji ýylda ýogaldy. Çagalarymam şol familiýada bolansoň, monça bolup gitdi. Görgüli 84 ýaşyndaka, bir gün oturan ýerinde uklap ýykylaýypdyr. Töre-de: «Waý, Annaw ejem öläýdi öýdýän!» diýip, gaty sesi bilen gygyrypdyr welin sesine: «Merez, men entek ölemog-a» diýip oýanypdyr.
Öňler oba adamlary üçin şampun ýatdy. Okuwymyň daşyndan eşeklije oba gazet paýlap, poçtalýon bolup işlärdim. Iş ýerimden birtopar tanymal adamlaryň, ýazyjy-şahyrlaryň gara reňk bilen çekilen suratlaryny getirerdim welin, Töre gyzyklanyp: «Şu suratlary nädip çekilýär?» diýip sorapdy. «Bilemok» diýsem, kakamdan sorady.
– Kaka, şu suratlar nädip çekilýär?
– Bilemok oglum! – diýse-de, ýene-de gaýtalap sorady. Ahyry kakam pahyr:
– Şol adamy getirip oturgyçda oturdýarlar. Elini-aýagyny gowy edip ýüp bilen saraýarlar. Ýüzüne-de gara reňk çalyp, soňam ak kagyzy ýelmeýärler. Kagyz gurap gopansoň, ol-a surat bolýar, adamlaryňam ýüzlerini şämpun bilen ýuwýarlar, bolany şol – diýýär welin: «Bäh, şampunyň güýjün-äý» diýip, gara çyny bilen

ynanýardy.
Töre çaga wagty tokgaja, dolmuşja oglandy. Dilem oňly gürläp bilenokdy. Öýümize myhman gelse, edil telewizor görýän ýaly, ellerini alkymyna diräp, diňläp, oturardy. Myhman gidenden soň çaga-da bolsa, özleri ýaly agzyna öýkünip bererdi.
Töre Germaniýada harby gullugyny tamamlap gelipdi. Obada-da çopan-çoluk ýa-da suwçy bolaýmasaň, başga iş ýok. Menem şol wagt Tejeniň Kirowynda /Babadaýhan etraby/ etrap maliýe bölüminiň başlygydym. «Agam sizde ýaşaýaýyn» diýip bardy. Artistlik ukybynyň bardygyny bilemsoň, etrap medeniýet bölümine sürüji edip işe ýerleşdirdim. Öň okansoň, sürüjilik şahadatnamasy bardy. Elini gara ýaga bulap «Kuban» maşynynyň aşagynda ýatardy welin, «Honha, şol eli gara ýag oglan Angaýewiň inisi-dä» diýip tanyşdyrýardylar. Nesibe-dä, sürüjilik işiniň daşyndan Medeniýet öýünde goýulýan oýunlara gatnaşýardy. Bir gün Maýa Gylyjowa, Sona Myradowa… ýene birtopar artist, obamyza agitbrigada bolup barýar. Töre-de şol çäräniň alyp baryjysy bolýar. Şonda ol meşhur artist Sona Myradowanyň gözüne ilýär: «Gel, oglum! Sen niräni gutardyň, bize gerek ogul ekeniň» diýip gyzyklanýar. Şeýdibem, ýoly açylýar. Sabyr Ataýewa, Sona Myradowa, Aman Gurbandurdyýew… ýaly tanymal artistleriň arasynda işlemek bagty miýesser edýär. «Däli Domrul» keşbi bilen tanalyp, «Türkmenistanyň halk artisti» diýen beýik derejä ýetdi. Şondan soň adamlar maňa «Honha, şol barýan Töräniň agasy ýa-da Domrulyň agasy» diýdiler.
Medeniýet öýünde işleýän döwri agitbrigada gidenlerinde iş sapary pullary wagtynda tölenmändir. Töre-de gülmän, şol wagtky raýkomyň birinji sekretarynyň edil özi ýaly gürläp: «Pylança sagadyň dowamynda pullaryny töläp hasabat berersiňiz» diýip, Medeniýet öýüniň başlygyna jaň edýär. O bende-de ýaşuly adam, elini aýagyny titredip, işgärleriň pullaryny töleýär. Ýanlarynda Turaşow diýen bir işgäri bar eken-de, Töreden ýetendigini aňlaýypdyr. Pullaryny töländen soň, Sähet aga: «Häk, Töre, ýok güne goýduň-a meni. Guduz artist!» diýipdir.
Bir günem dişi agyryp uklap bilmändir. Ertesi irden lukmana barsa, nobat kän eken. Dişiniň agyrysyna çydaman, ellerini hereketlendirip, lalyň gepleýşini edipdir. Gapyda duranlar dözmän, nobat berýärler. Dişini bejerdip bolup, ýylgyryp daş çykýar-da, «Spasibo, mamaşa!» diýenden, nobata duran ors aýal: «Wah, men saňa lalsyň öýdüp, nobat berdim-ä» diýipdir.

Änewe göçüp geldik. «Mazaly, golaýlaşdyňyz, göçüp geldiňiz» diýip, häli-şindi ulagly gelerdi. Maňa Öw kaka diýerdi. Gaýtjak wagty «Öw kaka, obaňyzyň itlerini alyp gideýinmi?» diýip, maşynynyň aýnasyny açyp it bolup üýrüp barýar. Obanyň itlerem ulagda it bardyr öýdüp «haw-da-haw» bolup, yzyna düşüp barýandyr. Ýogalmazynyň öň ýanlary «Öw kaka, men şu keselden halys basylýan welin, «Hesret derýasy» filmindäki Pýotr Gromowyň keşbini janlandyran artist ýaly, ýeke Domrul keşbi bilen dünýeden gidäýjek öýdýän. Eger sagalyp biläýsem, syçrap täzeden galmaly» diýipdi – diýdi. Şonda Öwezdurdy agadan soň Töre aganyň aýaly Oguljemal gelneje bilen gürrüňdeş boldum. Ol:
– Töre bilen ýedi ýyllap söýşüp durmuş guramsoň, «Oguljemal, bizem dessanlardaky aşyk-magşuklardan pes söýşen däldiris» diýip, uly gyzymyň adyna Zöhre, kiçi gyzymyň adyna Şasenem dakypdy. Neresse ýogalandan soň, oglumyň gyzjagazy boldy. Onsoň menem oňa Leýli dakdym. Töre 1957-nji ýylyň 1-nji awgustynda Kaka etrabynyň Çäçe obasynda doglan. Onuň 50 ýaşy doldy, hemem şol gün biziň durmuş guranymyza 25 ýyl bolupdy. Çagalarym: «Eje, kakamyň 25 ýaşy dolan güni gelnaljyň gelen eken. Şu wagtam gulagyňda şol gelnaljyň düýt-düýt sesi gelýändir» diýip, Gün ýaşansoňam: «Eje, gapy diňlenýän wagty golaýlady» diýip degdiler. Çagalaram Töräniň özi ýaly degişgen.
Özi aýatda bolmansoň, «Doglan gününi edýän» diýmegi birhili gördüm, emma ýatlap dogan-garyndaşlary, ejesi – ählisi geldiler. Gülşüp ýatladylar.
Bir gün iki sany tanyş ýigidi ýolda ýol gözegçisi saklapdyr. Olaram:
– Töre kaka, biz pylan ýerde, gel! – diýip, el telefony bilen öýe jaň edýärler. Töre-de ulagyna münüp barypdyr. Ulagdan düşenden, ýol gözegçisi ýaş oglanlar: «Salawmaleýkim, Töre kaka!» diýip görşüpdirler welin:
– Oglanlar, siz bilýäňizmi kimi saklanyňyzy? – diýip sorapdyr. Olaram:
– Aý, ýok – diýip, wezipeli biriniň adyny tutar öýdüp, gözüni mölerdip garaşýarlar.
– Meniň öz inilerim bolsa-da hiç welin, ýöne siz aýalymyň jigilerini saklapsyňyz, men bu gün öýe goýberilmerin – diýipdir.
– Töre kaka, jerimesini ýazamyzsoň, biz bulary saklap alyp

galmarys-a diýenden:
– Wah, siziň şol jerimäňizi barybir, bu ýigitler aýalymdan alarlar, onsoň bilýäňizmi, meniň girdeýjime nähili zyýan ýetjegini? – diýse, «Bolýar how, Töre kaka» diýip, gülşüp, jerimesiz ugradypdyrlar. Neressäniň häsiýeti şoň ýalydy-da. Ýazgy diýilýän zat bir gowy zat. Üýşüp «Däli Domrul» oýnunyň wideoýazgysyny gördük. Gülşüp, özi bar ýaly, ýubileýini belledik. Töräniň 50 ýaş toýundan ýadygärlik diýip, ýüzi gülli el süpürgiç paýlasam, ejesi görgüli: «Balam, öz eliň bilen paýlan bolsaň bolmaýarmy?» diýip aglady. Ene-dä, ýogsa: «Ynsana süýji günleri beren Taňrynyň ajysyna-da döz gelmelidir. Şükürli boluň!» diýip, göwünlik berýänem özüdi – diýip ýatlady.
Bir gezek Türkmenistanyň at gazanan artisti Gülälek Akmyradowa:
– «Kepderi» spektaklymyz bilen Gazagystana gastrola gitdik. Uçaryň üstünde gazet-žurnal aldyk welin, ýüzünde bir tapmaça bar eken. Jogabyny bilemok. Onsoň uçardan düşemizsoň, «Tapmaça bar eken. Jogabyny bilemok, siz bileňizokmy?» diýip, Töre agadan soradym. Olam: «Pikirleneýin, aýdaryn» diýdi, soňam şol ýerde erbet ýaramady-da, biz gastroldan gaýdamyzdanam soňa galmaly boldy. Gelenden soň:
– Sag-aman geldiňmi Töre aga, nähili, gowulaşdyňyzmy? – diýsem:
– Tas ölüpdim. Ýöne saňa şol tapmaçanyň jogabyny aýdaryn diýemsoň geläýdim. Gülälek jogabyny bilsin diýip – diýdi. Göwnaçyk, Hakdan berlen zehinli artistdi. Käbir artist bilen partnýor bolaňda, howuň basylýar. Töre güýçli artist bolsa-da, hiç wagt ondan howum basylanokdy. Sebäbi onda adamkärçilik bardy. Edil eneleriň çagalaryna: «Balam, sen öýi gowy arassalapsyň, bişiren naharyňam süýji bolupdyr» diýip, göwnüňi göterişi ýaly, partnýoryny özüniň derejesine çenli eltmäge synanýardy. Töre bilen partnýor bolaňda, sende özüňe bolan uly ynam döreýär – diýip baha berdi.
Dürli ýaşdaky artistler bilen gürrüňdeş bolup, olaryň kärdeşi Töre aga barada aýdanlaryny diňledim. «Men teatr sahnasynda-da, kino sahnasynda-da, ençeme keşpleri janlandyrdym, ýöne bir zady arzuw edýärdim. Ol hem artist Töre Annaberdi bilen partnýor bolmakdy. Arman, indi Töre pahyr ýok-da» diýip, gözüni ýaşlap oturan artistiň keşbi häzirem göz öňümde. Şonuň üçin köplenç Töre aganyň artistlik ussatlygynyň aýratynlygy

hakda oýlanýaryn. Ol janlandyran keşpleri bilen ýüreklere girip bildi. Kimler ony gysgajyk, degişme sahnalaryndaky keşbi bilen ýatlasa, kimler ony öýkünjeňlik bilen aýdýan aýdymlaryny ýatlaýar, ýene birleri ony Däli Domrul keşbi ýa-da Hezret Aly keşbi bilen tanaýar. Şu ýerde Töre aganyň «Kepderi» spektaklyndaky Hezret Aly keşbi hakda garaýşymy aýdasym gelýär. Men bu spektakly teleýaýlym arkaly ençeme gezek gördüm. Ilki bilen-ä Töre aga sahna çykanda, sahnany doldurýar. Sahnadan gidende-de, sahna boşap galan ýaly görünýär. Gülälek Akmyradowa, Maksat Hydyrow ýaly artistlere kino ekranynda ýaş artist diýer ýaly däl. Olar teatr sahnasynda-da ençeme keşpleri janlandyran artistler. Ýöne «Kepderi» spektaklynda olar has-da ussat artist derejesinde görünýär. G.Akmyradowanyň Kepderi bolup: «Ýaş çagam bar ýa Aly, berme meni bu jelladyň eline» diýip, ganatyny gerip, perwaz urup, Hezret Ala ýalbarýan pursatyny ýa-da Maksat Hydyrowyň Laçyn bolup: «Maňa bu lukmam Hudaýdan berlen. Awum bergil, ýa Aly!» diýip, ýumrugyny düwüp, dişlerini gyjap, kepderini kowalaýşyny gören pursatyň: «Bäh, şu iki artistem Töre agaça oýnaýar» diýeniňi duýman galýarsyň. Bu elbetde, Töre aganyň artistlik ussatlygynyň partnýora täsiri. Ýene bir aýtmaly zat – Töre Annaberdiýew haýsy keşbi janlandyrsyn, türkmeniň milli ruhuny siňdirmegi başarýar. Ol hem onuň öz tebigy häsiýetinde barlygy üçin şeýle. Türkmen şeýle ogullaryny unutmaýar. Hut şu pursat Töre agany ýatlap durkam, onuň dutar çalyp, aýdym aýtmaga-da juda ussatdygyny aýdasym gelýär. Sebäbi öýlerine söhbetdeşlige baranymda ol joşup-joşup şeýlebir aýdymlar aýdyp beripdi. Magtymguly atamyzyň «Dünýä» diýen goşgusyna, Amannazar Ataýewiň edil özi bolup hiňlenipdi. Şonda Töre Annaberdiýewiň aýdan degişmelerinden hem ýazgy edipdim. Ol:

– Men aýdym aýdanymda käwagt Amannazar Ata öýkünýärdim.

– Onsoň bir gezek maňa Amannazar duşdy. Ol:

– Töre jan! Agzyma öýkünýäň diýip eşitdim, şol dogrumy? – diýip sorady.

Menem:

– Aý, hawa, käwagt üýşmeleňde haýyş edip goýman dursalar öýkünýän –diýsem, ol:

– Meň agzyma öýkünjek bolup, marylylaryň-a köpüsi demgysmaly bolandyr – diýdi.

–Ýolöteniň «Hakykat» daýhan birleşiginiň medeniýet öýi bar.

Medeniýet öýüniň ýakynynda 14 çagaly biri ýaşaýar. Gije medeniýet öýüne kino görmäge barýan çagalaryň uklap galýanam bolýar-da. Onsoň ulurak çagany-ha oýaryp öýüne ugradýaň. Bir gezek bir kiçiik çaga uklap galypdyr. Medeniýet öýüniň garawulam bu çagany göterip, 14 çagalynyň öýüne barýar.
– Şu çaga siziňkimi? – diýip. Onda öý eýesi:
– Şo ýatan çagalaryň aňyrsynda ýatyraýyň. Eger biziňki bolmasa, ertir öýüne gider – diýipdir.
***
– Bir gezek Baba Annan pahyr bilen Germawa gitdik. «Pöwrize hakynda rowaýat» diýen kino almak üçin. Baba pahyr ýogalansoň bu kinony ogly aldy. Indi «Üç birleşikde» Çary aga diýen bir ýaşuly bize:
– Gaýdyşyn öýe sowluň! Odur-budur taýýarlajak – diýip, haýyş etdi. Onsoň gaýdyşyn bulara bardyk. Iýip-içip keýpimizi kökledik welin, Çary aga Baba pahyra ýüzlenip:
– Sen-ä bir dünýä belli artist. Bulam täze ýetişip gelýän çynar. Hiç wagt ärli heleýe degiji bolmaň. O dünýäde syrat köprüden arkaňa alyp geçmelimiş – diýip, wesýet etdi. Baba pahyram:
– Öz-ä kyn ýerlerem bar eken – diýdi. Şol wagt menem:
– Götermesin-ä götereris welin, birden özüňkinem biri arkasyna alyp geläýse, şonda gaty agyr boljak – diýsem, gülüp hezil etdiler. Türkmende aýdylmadyk zat ýok. «Ody özüňe bas, ötmese kesekä» diýen nakyl bar.
***
– Bir gezek «Gatakar» kärhanasynyň açylyşyna gatnaşdym. Kärhananyň başlygy Atamyrat:
– Töre! Maňa bir maslahat bersene. Edaramyzyň şu diwaryna nämäň suratyny çekdirsem owadan gelişjek? – diýip sorady. Men oňa: «Ala bilmez ýolbars ogly türkmeniň» diýen ajaýyp setir bar. «Ullakan ýolbarsyň suratyny çekdir» diýip, pikirimi aýtdym. Onsoň Atamyrat suratçy bilen maslahatlaşýar. Suratçy oňa:
– Boşuny çekeýinmi ýa-da daňylgy? – diýip geňeşipdir. Soň kärhananyň başlygy ýanyma gelip:
– Boşunyň bahasy arzan, daňylgysynyň bahasy gymmadyrak. Haýsysyny çekdireýin? – diýip, ýene-de sorady.
– Haýsy arzanyrak bolsa çekdiräý. Barybir, surat-a. Boş näme, daňylgy näme – diýdim.
Pikirim bilen ylalaşdy. Ýöne, suratyň çekilen gijesi güýçli

ýagyş ýagdy. Ertir tursak, diwardaky çekilen ullakan ýolbarsyň suraty ýok. Onsoň Atamyrat suratçydan:
– Hany düýnki çeken ýolbarsyň? – diýip soraýar. Onda suratçy:
– Özüňiz-ä boşuny çek diýdiňiz. Indem menden soraýaňyz. Gidendir-dä – diýipdir. Asyl görüp otursak «Boşuny çekeýinmi?» diýilýäni «guwaş» reňk bilen çekmek, daňylgy diýilýänem «asetonowyý» demir reňk bilen çek mek eken. Ýaňky ýagyşda «guwaş» bilen çekilen surat syrylyp akyp gidäýen bolsa nätjek.
***
– Babadaýhandan Welmet aga diýen biri awtodükan maşyn sürýän eken. Bir gün ol maşynyny harytdan dolduryp barýar. Ýolda iki sany obadaşy el galdyryp:
– Goňşy oba äkitsene! – diýip, haýyş edýär. Welmet aga bolsa:
– Içi dükanly ulagyma mündürip biljek däl – diýen. Onda ýaňky haýyş eden:
– Maşynyňa mündür diýemizog-ow. Howa yssy bolansoň, kölegesinden ýöresegem bolýar – diýipdir.
Bende maşyny gaty haýal sürýän eken.
***
Obamyzda biriniň öýüne bir ýaşuly gelipdir. Şol öýüň bir gyzy daşky jaýy süpürip ýören. Içki otagda-da uýasy tikine gümra oturan. Onsoň bular ýaşulyny:
– Geliň. Geçiň, oturyň! Kakamyz eglenmän geler – diýip, içki otaga geçirýärler. Indi daşky jaýy süpürip duran gyz, gapyda duran köwüşleri ýerbe-ýer goýjak bolýar. Görse, ýaşulynyň eýýäm bir taý köwşi ýokmuş. Gyzlar «Gapydaky güjük äkidip, mellege taşlandyr» öýdüp, bütin howlyny gözleýärler.
Emma tapanoklar. Ýaşuly bolsa, az wagt oturýar-da:
– Aý men turaýyn. Kakaňyz gelensoň geläýerin – diýýär. Onsoň gyzlar ýaşula çaý-nahar goýup, her edip, hesip edip kakalary gelýänçä saklaýarlar. Ahyry kakalary gelýär. Gyzlar:
– Kaka geleweri. Biz-ä masgara bolup otyrys. Öýümize gelen ýaşulynyň bir taý köwşi ýok. Ýer ýykyp tapamyzok – diýip, ýagdaýy aýdýarlar. Soň görüp otursalar, ýaşulynyň bir aýagynyň dyzyndan aşagy ýok bolsa nätjek.
Görýaňmi? Türkmen gyzynyň asyllydygyny. Ýüzüni aşak salyp işe gümra bolup, ünsem bermändir.
***
Oýun görkezmäge gidip, Marynyň myhmanhanasynyň ikinji gatynda bolýas.
O wagtlaram artist halkyna, sungat adamlaryna häzirki ýaly

goldaw ýokdy. Ýanyň pully wagtyňdan, pulsuz wagtyň köpdi. Irden turduk welin, myhmanhananyň birinji gatynda nahar bişýär. Baryp almaga-da pulumyz ýagdaýly. Onsoň birinji gatda bişýän naharyň ysy ikinji gata gelendir-dä, eýwanyň aýnasyny açyp, ýanymdaky kärdeşim Annamyrat Myradow:

– Töre, gelow, ertirlik edinseň – diýip ysyrganýar. Menem:

– Bolýar – diýip, uludan dem alyp, içime sordum welin, Annamyrat:

– Boldy ed-ow, günorta-da bir zat goý – diýdi.

© Akgül Saparowa.

*Çeşmesi:* *https://www.atavatan-turkmenistan.com/tore-annaberdiyew-gowunleri-yylgyrsa-beslan-ussat/. 14.07.2022ý.* Ýatlamalar